# Çyn dost ýokmuka?

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Çyn dost ýokmuka?

ÇYN DOST ÝOKMUKA?

Arzuwa gutarma ýok. Ilki Hudaýdan ogul diledim. Oglum boldy. Soň Hudaýdan özbaşdak öý diledim. Iki otagly jaý ýetirdi. Oglum bäş ýaşady. Täze öýde ony sünnet ýatyrdyk. Birki hepde geçenden hossarlarym bilen geňeşip, hem tam toýy, hem sünnet toýy geçirmegi ýüregimize düwdük. Känbir adam üýşürmän çaklaňrajyk oturyşyk edäýeli diýişdik. Ýakyn dogan-garyndaşlara çakylyk iberdik. Kakam işdeş ýoldaşlaryna aýtdy. Menem gowy görýänlerimden saýlap-saýlap, alty sany dostumy çagyrdym.
Ilkinji sapar özbaşdak gelde-bäri etjek bolşumyz. Kemsiz-köstsüz etmäge çalyşdyk. Öz dostlarym üçin umumy tagamlaryň daşyndan ýörite delje naharlar, üýtgeşik iýgi-içgiler taýýarlatdym.
Sagat on ikä gelibermelidi. Dogan-garyndaşlar irräk gelişdi. On iki bitiberende kakamyň kärdeşleri-de göründi. Dostlarym üçin bir otagy aýryp, saçagy uzyn ýazdyryp, heniz olar gara bermänkä üstüni naz-nygmatdan doldurtdym. Hatda oturyşygy surata düşürmek üçin wideoçy hem çagyrtdym.
Wagt geçip barýardy. Bir boldy. Dostlarymyň biri-de gara berenok. Iki boldy, üç bitdi – habar-hatyr ýok. Diňe sagat dörtlerde Merdan diýen bir dostumyň: "Juda zerur işim bar. Baryp bilsem bararyn. Birden baryp bilmesem, gaty göräýmäweri!" diýeni ýadyma düşdi. Ýöne beýleki oglanlar barjak diýşipdirler ahyry!
Darykdym. Saçagyň üstündäki tagamlara seredip durşuma içimi it ýyrtýardy. Gaty oňaýsyz ýagdaýda galdym. Kakam dagy kärdeşleri bilen şowhun-şagalaňdy. Arasynda ejem ýanyma gelip: "Oglum, dostlaň gelmedimi?" diýip çalarak sorap hem gitdi. "Gelşer-le, eje…" diýip gümmi-samma urdum.

Altydan soñ ýoldaşlarymyñ gelmejegi düşnüklidi. Ejem bilen kakamyñ, jigilerimiñ bu zatlar bilen işi bolmasa-da, gelnim gönüsinden geldi: "Gowy dostlaryñ-a bar eken…". Ýaman gaharym geldi. Dilimi dişledim. Ýöne naçar mamlady.
Ertesi gün çuññur oýa batdym: "Dogrudanam, dost saýlap bilmedimmikäm? Aslynda şeýle äsgerilmezlige mynasyp bolaýmaýyn? Özüm dereksizmikäm?"
Muny gizlesemem bolardy. Ýöne gizlänim bilen üýtgejek zat ýok. Goñşularymyñ biriniñ ýanynda ýaryldym. Olam: "Geñ görme. Bu wagt diñe haýyr görüljek adamlar bilen gatnaşylýa. Wezipäñ ýok, beýlekiñ ýok. Kime gerek sen? Eger bir ýeriñ ketdesi bolanlygyñda ýa-da eliñden bir zat gelýänliginde dostlañ on ikide däl, dañdan gelerdiler. Dost üçin jan berlip, jan alynýan döwür gutardy…" diýip, içýakgyç gürledi.
Goñşymyñ jogaby meni kanagatlandyrmady. Ýürekdeş dost hemişe-de bolupdy, indem bolaýmalydy. Meniñ dost tutunmany oñarmadyk bolmagym mümkin – ýöne bu aýry geldi.
Üç-dört gün geçdi. Toý çagyran dostlarym bilen sataşdym. Hiçisiniñ piñine-de däl. Kemterisinden: "Bagyşla, şol gün işim çykdy. Baryp bilmedim" diýip, sypaýyçylyk edenem bolmady. Diñe Merdan diýilýän: "Toýa garrama ýok. Öýüñize hökman barjakdyryn. Bir käse çaý içip gaýdaryn!" diýdi. Diýşi ýaly sözünde tapyldy. Dynç güni geldi. Oturdyk. Çaý içdik. Men oña toýa hiç dostumyñ gelmändigini ýaşyrman aýtdym. Merdan muña birhili boldy. Misli, özi ýazykly ýaly, müýnürgedi. Soñam: "Çyn dost diýeniñ ýuwaş-ýuwaş saýlanyp-saýlanyp, töweregiñde bir ýa iki sanysy galýandyr. Hakyky dost azdyr!" diýdi.
Garaz, oýa batyrdy-how şu dostly gürrüñ. Bir gün dostly meseläni ejeme aýtdym. Olam aýal-da. "Oglum, dünýäde çagalañdan, aýalyñdan ýakyn dost ýokdur! Şolary hor etme…" diýdi.
Türkmende "Dost kyn günde belli" diýen pähim bar. Biribara şükür. Heniz-ä başa iş düşenok. Diñe gowulyk. Ýöne dostlarym gowy günümde-de meni ýüñsakgal etdiler. Kyn günümde olaryñ maña duýgudaşlyk bildirjekleri, goldan gelen kömekleri etjekleri gümana. Ine, şu pikirlet meni iñkise goýýar.
Dogrudanam, çyn dost ýokmuka?!..

Ýakup ALLAMYRADOW.

Jemgyýetçilik tankydy